**2. Merkezi Aziýa sebitinde “ýaşyl” ylmy we tehnikany ösdürmek boýunça hereketleriň Meýilnamasyny bilelikde durmuşa geçirmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama.**

**Gol çekilen senesi: 2023-nji ýylyň 18-nji oktýabry**

**Umumy maglumat:**

2023-nji ýylyň 17-18-nji oktýabrynda Pekin şäherinde geçirilen «Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatynyň çäklerinde Merkezi Aziýa döwletleriniň we Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan ekologiýa we geografiýa instituty we bu ýurduň Ösüş we özgertmeler boýunça döwlet komitetiniň Ekologik serişdeler Departamenti tarapyndan gol çekildi.

Bu hyzmatdaşlyk forumy ýylyň dowamynda Hytaýda geçirilýän iň möhüm diplomatik çäre bolup, «Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň 10 ýyllygynyň çäginde guraldy.

«Bir guşak, bir ýoly» başlangyjy söwdany ösdürmek we ykdysady ösüşi gowulandyrmak üçin guryýer hem-de deňiz ýollary arkaly Aziýa yklymyny Afrika we Ýewropa bilen birleşdirmegi göz öňünde tutýan maksatnamadyr.

**Esasy maksady:**

1. Hytaý Halk Respublikasynyň we Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda daşky gurşawy goramaklygy dolandyrmak, suw tygşytlaýjy oba hojalygy hem-de azyk howpsuzlygyny üpjün etmek ugurlary boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek.

2. Aral deňzinde innowasion tehnologiýalarynyň barlaglaryny geçirmek, işläp taýýarlamalar we görkezmek boýunça Merkezi döretmek.

3. Suw serişdelerini tygşytlaýjy oba hojalyk, tebigy serişdeleri dolandyrmak, şorlaşan topraklary dolandyrmak hem-de çölleşmäge garşy göreşmek ugurlarynda Merkezi Aziýa döwletleriniň 50 sany hünärmenlerini taýýarlamak;

**Esasy ugurlary:**

1. Hytaý Halk Respublikasynyň we Merkezi Aziýa döwletleriniň ylmy-barlag institutlarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmegiň mehanizmini döretmek.

**Hereket ediş möhleti:** 5 ýyl hereket edýär.